22.04.2024-25.04.2024 sene aralykda Belarus Respublikasynyň Gomel şäherinde nazary mehanika dersi boýunça talyplaryň arasynda XVIII halkara olimpiada geçirildi. Belarus döwlet ulag uniwersitetinde geçirilen bu bäsleşige Hytaý halk respublikasynyň, Russiýa federasiýasynyň, Belarus respublikasynyň, şeýle hem Türkmenistanyň ýokary okuw mekdeplerinden, 20-den gowrak dünýäniň abraýly ýokary okuw mekdeplerinden 100-e golaý talyplar gatnaşdylar.



Bäsleşigiň iki görnüşi boýunça talyplar özara güýç synanşdylar, ýagny şahsy we toparlaýyn görnüşde. Bu bäsleşigiň Aziýa zolagy boýunça saýlama tapgyry 2023-nji ýylyň dekabr aýynda geçirildi. Oňa Hytaý halk respublikasynyň, Gonkongyň, Makaonyň, Tailandyň we beýleki gündogar Aziýa ýurtlarynyň ýokary okuw mekdeplerinden 600-den gowrak talyplar gatnaşdylar. HOHAI uniwersitetinde geçirilen bu saýlama tapgyrda 7 sany ýokary okuw mekdebe wekilçilik edýän 30-dan gowrak talyp Gomel şäherindäki final tapgyryna gatnaşmaga ýollanma gazandylar. Türkmenistanly talyplar öňki olimpiadalaryň görkezijileri esasynda gönüden-göni final tapgyryna çykdylar.

Все права защищены




Bäsleşigiň şahsy görnüşi boýunça Türkmenistanyň talyplarynyň ählisi bürünç medalyň eýeleri boldular. Ýurdumyzyň adyndan TDEI-nyň talyplary Suwhanberdiýew Döwlet, Ýazjumaýewa Aýna, Gylyçgeldiýewa Gyzylgül, Babamuradow Şohrat çykyş etdiler. Toparlaýyn bäsleşikde TDEI-nyň talyby Babamuradow Şohrat we Belarus döwlet ulag uniwersitetiniň talyplary bilen bilelikde garyşyk ýygyndy topary emele getirip baýrakly **3-nji orna** mynasyp boldular. Biz bolsa, öz gezegimizde ildeşlerimizi alan baýrakly orunlary bilen tüýs ýüregimizden gutlaýarys we indiki olimpiadalarda uly üstünlikleri arzuw edýäris!

Все права защищены



Все права защищены




Все права защищены




Все права защищены
save pdf date >>> 23.11.2024



**Şatlyk AKMYRADOW**
**Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky**
**Döwlet gullugy akademiýasynyň diňleýjisi**

Все права защищены